# Doğan Kardeş!..

Category: Kitapcy,Publisistika,Romanlar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Doğan Kardeş!.. DOĞAN KARDEŞ!..




1939-njy ýyl…
Ýaňy 10 ýaşan oglanjyk Türkiýeden Şweýsariýa – Alp daglarynyň etegindäki kiçijik şäherçä, ýatymlaýyn okuwa ýollandy.
Birnäçe ýurtdan gelen okuwçynyň okaýan mekdebiniň ýazky gezelenji wagtynda çagalaryň üstünde dagyň gary gaýtdy.
Tragiki hadysada 28 okuwçy aradan çykdy.
Bularyň ikisiniň jesedi tapylmady.
Türkiýeden gelen şol okuwçy bilen şweýsariýaly ýoldaşy Dapio häzirem diri gaýyp!..
* * *

Türkiýeden çagajygyň kakasy ogluny daşary ýurda ugradany üçin özüni hemişe günäkärledi we 1991-nji ýylda aradan çykýança söz bilen beýan edip bolmajak dert-elemleri çekdi.
Ýitiren oglunyň hormatyna Films şäherçesinde garyň süýşen

ýerinde ellerini Alp daglaryna uzadyp duran çaganyň heýkelini dikdirdi.
Stambulyň Beýogly raýonynda alan jaýynada oglunyň adyny dakdy (Doğan Apartmanı)…

* * *

Şol sanda oglunyň hormatyna Türkiýede üç tapgyr nesiliň söýüp okan «Doğan Kardeş» žurnalyny çykartdy.
Ol başy gamly we puşeýmanly ata «Yapı ve Kredi» bankynyň esaslandyryjysy Kazym Taşkentdi.
1945-1993-nji ýyllar aralygynda çap edilen «Doğan Kardeş» Suna Kan, Idil Biret ýaly halkara at-abraýa eýe senetkärler bilen bir hatarda ýüz müňlerçe çaganyň ylym almagyna we jemgyýete peýdaly adamlar bolup ýetişmegine düýpli goşantlary goşan abraýly çagalar žurnalydy.
Çaga romanlaryny ýazmak boýunça gurnaýan ýaryşlary we dürli medeni çäreler bilen ýurdumyzdaky çagalar edebiýatynyň ösmegine taýsyz goşant goşdy.
Žurnal hususanam Wedat Nedim Törüň ýolbaşçylygynda çykan 20 ýyllyk müddetinde çagalaryň gün tertibini kesgitlemekde täsirli boldy.
Şindiki ýaşlat bilýänem däldir, ýöne biziň deň-duşlarymyzyň we orta ýaşlylaryň hakydasynda «Doğan Kardeş»-iň ýatdan çykmajak yzlary bar.

* * *

Haçanam bolsa bir gün, özem bahar güni, eger ýoluňyz Şweýsariýanyň Alp daglarynyň üstünden geçse, egilip bir meýdan gülüni ysgaň.
Ýöne goparaýmaň. Soňra asmana bakyň.
Belki, ownujak bir ýylgyryş geçer bulutlaryň üstünden.
Ol ýylgyryň neresse Doganjygyň we tebigy betbagtlyklarda, ýer yranmalarynda ýitiren ähli çagalarymyzyň ýylgyryşlarydyr…

* * *

Onuň we soňky tebigy betbagtlykda aramyzdan giden ähli

perişdejiklerimiziñ jaýlary jennet bolsun…

Ugur DÜNDAR.

«SÖZCÜ» gazeti, 16.02.2023 ý. Publisistika